# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Türkmenistanyň 2020-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda

**1-nji madda**

Türkmenistanyň 2020-nji ýyl üçin Döwlet býujetini girdejiler boýunça 84 391,7 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 84 291,7 mln. manat möçberde, şol sanda býujetiň birinji derejesini girdejiler boýunça 23 382,0 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 23 282,0 mln. manat möçberde tassyklamaly.

**2-nji madda**

Türkmenistanyň 2020-nji ýyl üçin Merkezleşdirilen býujetini girdejiler boýunça 76 443,2 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 76 343,2 mln. manat möçberde, şol sanda býujetiň birinji derejesini girdejiler boýunça 15 433,5 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 15 333,5 mln. manat möçberde tassyklamaly.

**3-nji madda**

Umumydöwlet salgytlaryndan Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň býujetlerine geçirmeleriň 2020-nji ýyl üçin kadalyk ölçeglerini şu aşakdaky möçberlerde bellemeli:

| | Goşulan baha üçin salgytdan | Peýdadan alynýan salgytdan | Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgytdan |
|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 2,8% | 2,8% | 2,8% |
| Ahal welaýaty | 100,0% | 100,0% | 100,0% |
| Balkan welaýaty | 23,0% | 23,3% | 23,0% |
| Daşoguz welaýaty | 100,0% | 100,0% | 100,0% |
| Lebap welaýaty | 100,0% | 100,0% | 100,0% |
| Mary welaýaty | 83,0% | 81,2% | 83,0% |

**4-nji madda**

2020-nji ýylda Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetinden welaýatlaryň býujetleriniň deňeçerligini üpjün etmek üçin olara 1 945,5 mln. manat möçberde serişdeleri bölüp bermeli, şol sanda:

| | | |
|---|---|---|
| Ahal welaýaty | 88,3 | mln. manat |
| Daşoguz welaýaty | 1 362,0 | mln. manat |
| Lebap welaýaty | 495,2 | mln. manat |

**5-nji madda**

Ýerli býujetleri 9 894,0 mln. manat möçberde, şol sanda Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň býujetlerini aşakdaky möçberlerde tassyklamaly:

| | | |
|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 1 790,7 | mln. manat |
| Ahal welaýaty | 1 310,0 | mln. manat |
| Balkan welaýaty | 1 208,8 | mln. manat |
| Daşoguz welaýaty | 1 823,2 | mln. manat |
| Lebap welaýaty | 1 975,1 | mln. manat |
| Mary welaýaty | 1 786,2 | mln. manat |

**6-njy madda**

Zähmet haky, pensiýalar, döwlet kömek pullary we talyp haklary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň goralan maddalarydyr diýip bellemeli.

**7-nji madda**

Býujet ýetmezçiliginiň emele gelen ýagdaýynda döwlet nesýe almalaryndan gelen serişdeler we (ýa-da) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda býujet serişdelerinden emele gelen galyndylary maliýeleşdiriş çeşmeleri bolup durýar diýip bellemeli.

2020-nji ýylda Türkmenistanyň Döwlet býujetine beýleki çeşmelerden gelip gowuşýan goşmaça girdejiler, şeýle hem girdejileriň çykdajylardan artyk gelen pul möçberleri, birinji nobatda döwlet nesýe almalary we bank karzlary boýunça bergini üzmek üçin gönükdirilýär diýip bellemeli.

**8-nji madda**

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine Türkmenistanyň kanunlaryndan, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlaryndan, kararlaryndan we buýruklaryndan gelip çykýan zerur bolan takyklamalary Türkmenistanyň 2020-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň görkezijilerine girizmegi, şeýle hem Merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň ýerine ýetirilmeginiň barşynda ähli çykdajy maddalary boýunça tygşytlanan serişdeleri zerur bolan ýagdaýlarda beýleki çykdajy maddalara gönükdirmegi tabşyrmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**